# Edebi ýaňsylamalar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Edebi ýaňsylamalar EDEBI ÝAŇSYLAMALAR

- **Arkalydyr akgaňlar**

*Urdy diýip gar bilen,*
*Tersleşmerin ýar bilen.*
*(S.Öräýew «Ýar bilen»)*

Jark-mark bolaýmam bar,
Eger gaharym gelse.
Emma geçirimli men,
Garşydaşym ýar bolsa.

Näçe sütem etse-de,
Döz gelýärin jebrine.
Arkalylyk edýän-de,
Gidiberýän ugruma.

Meselemki, bir gün ol,
Hakyt urdy gar bilen.
Gör, şonda-da akgaňlar
Tersleşmed-ä ýar bilen!

- **Elbetde, sen isleseň…**

*Ýoluň bolup, ýodaň bolup,*
*Sypalaýyn aýaklaňy.*
*Pyýalaňda çaýyň bolup,*
*Köýdüreýin dodaklaňy!*
*(A.Kowusow «Sen isleseň…»)*

Aýajyklaryňdan sypalar ýaly,
Ýörejek ýoluňa ýoda bolaýyn.
Eger jorabyma siňse tozanym,
Kir ýuwulýan «Aýna» soda bolaýyn.

Ýa-da pyýalañda gyzgyn çaý bolup,
Dodaklarñy besse-besse ýakaýyn.
Az görseñ-ä, ýata suw men, ezizim,
Meý-mes bolup, towlanjyrap akaýyn.

- **Ýigrendigim gözeller**

*…Owadan gyzlary ýigrenýärin men,*
*Olar betbagtlygmy ýadyma salýar.*
*(N.Rejebow «Sen näme bilýärsiñ ýaşaýyş hakda»)*

Bir gyz meni göz astyna alyp ýör,
Kemsiz gözel, özem goñşy obadan.
Emma, dostlar, ýigrenýärin men ony,
Sebäbi, ol… sebäbi ol – owadan!

…Eý, owadan gyzlar, eý, gözel gyzlar,
Sizden dynma ýokmuka, heý, dünýäde?!
Neneñ edip sizi ýigrenmäýin men,
Betbagtlygmy salyp ýörsüñiz ýada.

- **Bilmeýänler bilip goýsun**

*Harplardan-harplardan*
*Setir-setir hat ýazylýar.*
*Bagda üzüm bişen wagty*
*Köp üzülýär, köp üzülýär.*

Çeşmelerden inýän suwdan,
Ýap döreýär, ýap döreýär.
Iñ dürdäne ajap sözden
Bap döreýär, bap döreýär.
(S.Öwezberdiýew «Sekizlemeler»)

Harplardan-a harplardan,
Hat döreýär tarp ýerden –
Ine, şeýle «täzeligi»
Eşitmän galaýmañ birden.

Bagda üzüm bişen wagty,

Hoşasyny üzmek bolar.
Ine, bu-da bir «açyşdyr»,
Bu hakda hem ýazmak bolar.

Habar bermek bolar ýene,
Ýaplaryñ-da döreýşini.
…Ynha, görüp dursuñyz-a
Baplaryñ-a döreýşini.

Pygamberguly GURBANOW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1986. Goşgular